**TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI**

**HYDYR DERÝAÝEW ADYNDAKY**
**MUGALLYMÇYLYK MEKDEBI**

# BÜTINDÜNÝÄ YLMYNYŇ ÖSÜŞINDE ABU REÝHAN BIRUNYNYŇ YLMY MIRASYNYŇ ORNY

(*Ylmy makalalar ýygyndysy*)

Aşgabat
«Ylym» neşirýaty
2024

UOK 001(09)+94
B 93

B 93 **Bütindünýä ylmynyň ösüşinde Abu Reýhan Birunynyň ylmy mirasynyň orny.** Ylmy makalalar ýygyndysy – A.: Ylym, 2024. – 248 sah.

Hydyr Derýaýew adyndaky Mugallymçylyk mekdebiniň mugallymlary tarapyndan Gündogaryň beýik danasy Abu Reýhan Biruna bagyşlanyp taýýarlanylan «Bütindünýä ylmynyň ösüşinde Abu Reýhan Birunynyň ylmy mirasynyň orny» atly ýygynda Gündogaryň beýik danasynyň ylmy mirasyny we onuň bütindünýä ylmyndaky ornuny çuňňur öwrenmeklige degişli ylmy makalalar girizildi. Makalalarda türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň kitaplarynda Birunynyň ylmy döredijiligine goýulýan sarpa, beýik dananyň ýaşan zamanasynda ylmyň ösüşi, jemgyýetçilik-ynsanperwer, tebigy-takyk ylymlaryň ilerlemeginde beýik akyldaryň döredijiliginiň orny baradaky ylmy seljermeler beýan edilýär.

TDKP № 89, 2024 KBK 72+63.3

© Türkmenistanyň Bilim ministrligi, 2024
© Hydyr Derýaýew adyndaky Mugallymçylyk mekdebi, 2024
© «Ylym» neşirýaty, 2024

öwrenip, köp zatlary gazanyp biljekdiklerini nygtaýarlar. Birunynyň ylmy usulyna tejribäniň we synlamalaryň kömegi arkaly alnan netijeleriň çuňňur teoretiki seljermesi bilen baglanyşygy häsiýetli bolupdyr. Ony ylymda birnäçe ugurlaryň araçäginde barlaglary alyp baran ilkinji alym diýip aýtmaga doly esas bardyr. Bu bolsa beýik alymyň ylmy edermenligidir, nesillere goýan, gymmatlygyny hiç zat bilen ölçäp bolmajak baky mirasydyr.

## EDEBIÝAT:


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmeniň döwletlilik ýörelgesi. – Aşgabat.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2020.

2. *Бируни и Ибн Сина.* Переписка // Перевод Ю. Н. Завадовского. – Ташкент: Фан, 1973.

3. *Розенфельд Б.А., Рожанская М.М., Соколовская З.К.* Абу-р-Райхан ал-Бируни. – Москва: Наука, 1973.

4. *Абу Рейхан Бируни*. Индия // Издание подготовили А.Б. Халидов, Ю.Н. Завадовский, В.Г. Эргман. – Москва: Ладомир, 1995.

5. *Сумцов Н.Ф.* Народный быт и обряды. – Москва: Институт русской цивилизации, 2014.



**Aýna Baýmuradowa,**

*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň Jemgyýeti öwreniş ylymlary kafedrasynyň müdiri, uly mugallym*


## DÖRT DÖWLETE GULLUK EDEN BEÝIK ALYM

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe halkymyzyň şöhratly taryhyny öwrenmäge aýratyn üns berilýär. Gahryman Arkadagymyz «Ömrümiň manysynyň dowamaty» atly kitabynda beýik alymlar Ymam Zehebiniň, Abu Bekr Sulynyň, Omar Haýýamyň, Abu Reýhan Birunynyň ylym dünýäsinde eden uly açyşlary hakynda aýratyn belläp: «Türkmen halky ezelden ýalkanan, beýik, ylymly we maksada okgunly, agzybir halkdyr» diýip, ýaşlarymyzyň pederlerine mynasyp bolup ýetişmelidiklerini nygtaýar [1. 202–203 s.].

Taryhyň çylşyrymly döwründe ýaşamaly bolan beýik alym Abu Reýhan Biruna ylym äleminde beýik açyşlary etmäge hiç bir gowganyň täsir edip bilmändigine şol zamananyň syýasy ýagdaýlaryny öwreneniňde

göz ýetirmek bolýar. Häzirki zaman dilimizde aýtsak, «iki sany Ylymlar akademiýasynyň prezidenti» bolmak döwrüniň beýik alymlarynyň köpüsine nesip etmändi. Emma Biruny diňe bir bu derejä ýetmek bilen çäklenmän, hökümdaryň ilçisi, döwletiň ynamdar wekili bolan beýik şahsyýetdir. Biz bu makalamyzda onuň ýaşan döwründäki taryhy ýagdaýlary seljermegi, onuň birnäçe döwletlerde zähmet çekip, uly abraýa we hormata mynasyp bolmagynyň syrlaryny kesgitlemegi maksat edindik.

Beýik alymlary, pirdir ulamalary dünýä beren gadymy Horezm Birunynyň watanydyr. Umumy yslam ylmy we medeniýeti bilen Horezmiň medeniýetiniň utgaşmagyna bu ýurdy araplar basyp alandan soň ýüze çykan we üç asyra golaý (712–995 ý.) dowam edip gelen iki häkimiýetlilik päsgelçilik döretmändir [5. 227 s.]. Taryhdan belli bolşy ýaly, 712-nji ýylda araplar Horezmi eýeläp, öz dikmesini goýsa-da, olar ýurtda öňki Horezmşalar nesilşalygyny ýok etmeýärler. Şeýlelikde, Horezm biri-biri bilen duşmançylykly syýasat alyp barýan iki welaýata bölünýär. Ýerli Horezmşalaryň dolandyrýan, merkezi Kät şäheri bolan welaýat we arap emiriniň oturan, merkezi Gürgenç bolan welaýatdyr. Beýle ýagdaý 996-njy ýyla çenli dowam edýär [9. 228 s.].

Abu Reýhan Muhammet ibn Ahmet Al-Biruny 973-nji ýylyň 4-nji sentýabrynda Horezmiň paýtagty Kätde eneden bolýar. Kät şäheri Sagkenar Horezmiň (käbir alymlar Kätiň çepkenar Horezmde ýerleşendigi hakynda maglumat berýärler [6. 27 s.]) paýtagty bolup, onda afrigileriň (yrakylar) şalary hökümdarlyk edipdirler [2. 133 s.]. Kätde dünýä inen Birunynyň maşgalasy barada taryhy çeşmelerde maglumat juda az saklanyp galypdyr. Ýöne oňa Horezmşalar döwletinde uly abraýdan peýdalanan, Horezmşa Abu Abdyllanyň doganoglany, alym Abu Nasr Mansur ibn Aly ibn Yragyň elinde terbiýelenip, bilim almak bagty miýesser edipdir [2. 136 s.]. Biruny halypasyna mynasyp şägirt bolup ýetişýär we Horezmşalar köşgünde öz ylmy işleriniň birnäçesini ýazypdyr [5. 228 s.].

Birunynyň zamanasynda Horezm syýasy we ykdysady taýdan halkara gatnaşyklarda möhüm strategik merkeze öwrülipdir [10. 236–237 s.]. X asyrda arap çeşmelerinde agzalýan şäherleriň sany hem muňa şaýatlyk edýär. Tabary 712-nji ýylda Horezmiň araplar tarapyndan eýelenişi barada maglumat berende, bu ýerde üç sany şäheri: Käti (Fir), Hazaraspy we Ürgenji ýatlaýar. Al Istahri (930 – 933-nji ýyllarda beren maglumatyna görä) Horezmdäki şäherleri beýan edip, 13 sany şäheriň: Kät, Dargan, Hazarasp,

Hywa, Huşmisan, Ardahuşmisan, Safardaz, Nuzwar, Kardaranhoş, Kardar, Barategin, Mazminiýa we Jürjaniýa atlaryny sanaýar [9. 178 s.]. 985-nji ýyllar töweregi ýazgy galdyran al Makdisi bolsa öz işinde Horezmde ýerleşýän 32 sany şäheriň adyny belläp, olaryň köpüsine häsiýetnama berýär [9. 186–188 s.]. Horezmşynas alym S.P.Tolstow arheologik maglumatlara esaslanyp, şol döwürde Horezmde kyrkdan gowrak şäheriň bardygyny belleýär [10. 236–237 s.].

Horezmiň söwda ýollarynyň çatrygynda ýerleşmegi, sebitiň gülläp ösmeginde uly orun eýeläpdir. Arap çeşmelerinde bellenilişi ýaly, X asyrda Horezm ýurdy özünde düýpli ykdysady işjeňligiň bolandygy, horezmli täjirleriň söwda giňişliginiň, ilki bilen, gadymyýetdäki ýaly, häzirki Türkmenistanyň we Günbatar Gazagystanyň sähralyklaryna, ikinjiden, Powolžýe – Hazar we Bulgariýa, ondan aňrygam Gündogar Ýewropanyň slawýan dünýäsine çenli uzalyp gidenligi bilen tapawutlanypdyr [10. 241–242 s.]. Horezm Gündogar döwletleriniň, oguzlaryň we Powolžýäniň arasyndaky araçyllyk söwdasyny alyp barýan merkez hökmünde öňe çykypdyr. X asyryň ortalarynda Horezm Wolgada diňe bir ykdysady işjeňligi bilen tapawutlanman, eýsem işjeň syýasy güýç hökmünde-de öňe çykypdyr. Ibn Haukalyň maglumat bermegine görä, horezmliler Bulgar hanlygynyň serhetlerine ýöriş edipdirler we ol ýerden uly oljalar bilen gelipdirler. X asyra degişli taryhy çeşmeleriň ählisinde horezmliler batyr syýahatçylar we täjirler hökmünde häsiýetlendirilmek bilen birlikde, olar gorkusyz, batyr, tejribeli urşujylar hökmünde ýatlanýar. Olar goňşulary bolan oguzlar bilen yzygiderli darkaşlara giripdirler [10. 244 s.].

Ylmyň ösüşiniň ykdysadyýetiň ösüşi bilen utgaşykly gidýändigi mälimdir. Döwletdäki syýasy ýagdaýyň çylşyrymlaşmagy, döwletara gapma-garşylygyň döremegi, medeniýetiň, ylmyň, bilimiň ösüşini bökdäpdir. Şu nukdaýnazardan, Birunynyň durmuşynda uly öwrülişigiň bolmagyna getiren taryhy wakalara, ýagny X asyrda sebitdäki syýasy ýagdaýlara seljerme bermek zerurdyr.

Bu döwürde Samanylar döwleti gowşapdy. Düzümindäki wassal hökümdarlar samany hökümdaryna tabyn bolsalar-da, özbaşdak döwlet ýaly içeri we daşary syýasat alyp barmaga synanyşýardylar.

992-nji ýylda Nuh ibn Nasr garahanly hökümdary Bugra handan ýeňlip, paýtagty Buharany elden giderýär we Amula gaçýar. Ol ýerden garahanlylara garşy söweş guramaga çalyşýar. Ikä bölünen Horezmiň hökümdarlary, Nuh

ibn Nasra kömege gelýärler. Samany hökümdary olara beren kömekleri üçin Horasanyň iri eýeçiliklerini: Horezmşa Abu Abdallah Muhammede Abiwerdi, Ürgenjiň emiri Mamun ibn Muhammede bolsa Nusaýy peşgeş berýär. W.W.Bartoldyň belleýşi ýaly, bu hereket Horasanyň diýen etmezek häkimi Abu Aly Simjurä garşy edilipdir. Öz gezeginde, bu buýrukdan soň, Abu Aly Nusaýy hiç hili garşylyksyz emir Mamuna berýär, ýöne Abiwerde Abu Abdallahyň wekillerini salmakdan boýun gaçyrýar. Bu hereketi bilen Abu Aly özüniň Samany hökümdarynyň diýenini etmän, Merkezi Aziýanyň demirgazygynda dörän täze syýasy güýç bilen ýakynlaşmak isleýändigini görkezýärdi. Samanylar öz wassaly we goşun serkerdesi bolan (Gaznaly türkmen döwletini esaslandyran) Söbüktegini Abu Ala garşy ýörişe goýberipdirler. Söbüktegin ýeňiş gazanypdyr. Gardiziniň bellemegine görä, 995-nji ýylyň ýazynda ýeňlen Abu Aly ilki Reýe gaçypdyr, soňam Nişapura barjak bolup, Söbükteginiň ogly Mahmydyň eline düşüpdir. Ahyrynda oňa ýene gaçmak miýesser edipdir we ol uly bolmadyk goşun bilen emir Mamunyň howandarlygyna sygynmak üçin Horezme ugrapdyr. Emma Hazaraspa gelende, bir bagda düşleýär. Horezmşa Abu Abdallahyň wekilleri onuň ýanyna gelip, ertesi gün Horezmşanyň onuň ýanyna geljekdigini aýdýarlar. Ýarygije horezmliler çadyra girip, Abu Alynyň elini-aýagyny daňyp, Käte alyp gidýärler. Bu ýagdaý iki duşmançylykly tarapyň çaknyşygyna getirýär. Gürgenjiň emiri Mamun Horezme (Kät) goşun goýberýär. Söweş netijesinde Kät eýelenýär, horezmşa tussag edilýär, Abu Aly Simjuri zyndandan çykarylýar we ählisi Gürgenje äkidilýär. Emir Mamun öňden gelýän duşmanyny öldürmegi buýurýar. Abu Alyny bolsa köşkde uly hormat bilen garşy alýar. Horezmşa titulyna bolsa Abu Aly Mamun ibn Muhammet eýe bolýar [9. 228 s.], [10. 266–267 s.].

Şeýlelikde, iki bölünen Horezm 995-nji ýylda birleşýär. Ýöne bu taryhy waka Birunynyň watanyny terk etmegine sebäp bolýar. Çünki Biruny horezmşanyň ýakyn adamlarynyň biri, köşk alymy hökmünde bellidi we horezmşanyň tarapyndady. Mamun Yrakylaryň nesilşalygyny ýok etmegi ýüregine düwüpdi. Horezmşanyň ähli mirasdüşerleri öldürilip, oňa ýakyn adamlaryň hemmesini öli ýa-da diri tutmak tabşyrylypdy [11. 76–77 s.]. Birunynyň öz ýatlamalarynda belleýşi ýaly, «Şol günüň yzysüre Horezmiň atly-owazaly adamlarynyň arasynda oňşuksyzlyk başlandy, bu bolsa meni etmeli işlerimi taşlamaga we gizlenmäge, soň bolsa başga ýerden gaçybatalga gözlemäge hem-de Watandan ýat ýere rowana bolmaga mejbur

etdi» [8. 138 s.]. Birunä Gürgene gitmek amatlydy, ýöne ol ýeriň dikmesi Abu Alynyň dogany bolandygy sebäpli howpludy. Şonuň üçin Biruny Reýe ugraýar. Reý şäheri Buidleriň paýtagty bolup, ösen şäherleriň biridi.

Eýranda ýerleşýän Reý şäheri hakynda gürrüň etmek üçin, ilki bilen, X asyrda bu sebitdäki syýasy ýagdaýlara seljerme bermek zerur. X asyryň 30-njy ýyllarynda Eýranyň ähli ýeri Bagdat halyflygynyň gol astyndan çykypdy. Tabarystanda şaýylardan bolan serkerde Utruşyň ölmegi bilen, onuň mirasdüşerleriniň – alidleriň we samanylaryň arasynda göreş başlanýar. Şol göreşlerde deýlemitlerden bolan hakyna tutma goşun esasy rol oýnaýar. Olaryň serkerdesi Merdawij ibn Ziýar özüniň hakyna tutma deýlemitlerden ybarat goşunyna daýanyp, şeýle bir güýçlenýär we 928-nji ýylda Tabarystanyň we Gürgeniň häkimiýetini eline geçirýär. Netijede, Ziýaridleriň nesilşalygyny (928–1045 ý.) esaslandyrýar.

Ibn Esiriň maglumat bermegine görä, Merdawij ibn Ziýaryň özi Deýlemde daýhan bolup, tozandan soň, goşuna esgerlige durýar. Ol 932–935-nji ýyllarda Günbatar Eýranyň uly bölegini – Reý, Kazwin, Hemedan, Yspyhan we Şiraz ýaly şäherleri halyf goşunlarynyň elinden alýar. Onuň Günbatar Eýrana ýörişi wagtynda deýlemitleriň Buidler adyny göteren üç dogan: Aly, Hasan we Ahmet has tapawutlanypdyr. Olaryň kakasy Abu Şuja Buid Deýlemde garyp daýhan bolupdyr. Ýöne Merdawij ibn Ziýaryň serkerdeligindäki goşuna üç ogly bilen goşulyp, söweşlerde tapawutlanyp, birnäçe welaýatlarda, aýratyn hem Şirazda olaryň häkimiýeti mese-mälim duýlupdyr.

Türki gulamlaryň dildüwşügi netijesinde, Merdawij ibn Ziýaryň (935) Yspyhanda öldürilmegi, onuň daş-töweregindäkileri howsala düşüripdir. Mundan peýdalanan Buidler Şirazdan Yspyhana gaýdýarlar. Tiz wagtdan olar tutuş Günbatar Eýrany eýeleýärler. Netijede, Buidleriň ýa-da arap dilinde Buweýhileriň (935–1055 ý.) döwletiniň düýbi tutulýar. Ziýaridler bolsa diňe Gürgende öz häkimiýetini saklap galýarlar. On ýyldan soň, Buidler Bagdat halyflygynyň syýasy häkimiýetini doly eline geçiripdirler [7. 136–137 s.], [12].

Buidler Samanylara we olaryň wassallaryna aýratyn duşmançylyk gözi bilen seredýärdiler. Buidleriň täsirli weziri Sahib ibn Abbad bu babatda has tutanýerlidi. Onuň aradan çykmagy we beýik weziriň Bagdat halyflygynyň ähli ýerlerinden bu ýere alymlary jemlemegi, Reýi ylmyň we medeniýetiň ösen ojagyna öwürmegi, Birunyda Reýe barmak pikirini oýarýar. Ýöne

Reýde iki ýyl bolan Biruny, köp kynçylyklary başdan geçirýär. Bilimi we ylmy maddy baýlykdan elmydama öňde goýýan Biruny bu ýerde serişdesiz alymyň pikiriniň diňlenmeýändigine göz ýetirýär. Halypasy Abu Nasr Mansur ibn Aly ibn Yrakynyň ýardamy bilen, matematik we astronom alym Abu Mahmyt Hamyt ibn Hydyr Hojendi bilen duşuşmagy Reýdäki kynçylyklarynyň içindäki iň süýji ýatlamalara öwrülýär [3. 99–100 s.], [11. 78, 86–87 s.]. Hojendi Biruna emiriň kitaphanasyna barmaga mümkinçilik döredip berýär. Netijede, ol wezir Sahib döwründe ýygnanan köpmukdardaky ylmy işler bilen tanyşýar. Biruny Reýiň beýik alymlary bilen tanşyp, ylymlar dünýäsiniň çuňluklaryna aralaşýar. Medisina we himiýa ylymlarynda özi üçin açyşlary edýär. Ýaňy Reýde orun alan alyma sebitde dörän syýasy ýagdaýlar öz täsirini ýetirýär.

997-nji ýylda duýdansyz Buidleriň hökümdary Fahr ad Döwle aradan çykýar. Onuň mirasdüşeri Abu Talib Rustam entek gaty ýaşdy. Ýöne onuň ejesi Seýýida Bagdada sowgat-serpaýly kerweni ugradyp, hoş habara garaşýardy. Iki hepdeden halyfdan täze emire gutlag haty gelýär we oňa «Madj ad Döwle» («Döwletiň şan-şöhraty») diýen unwan bagyş edilýär.

Köşkde tiz wagtyň içinde Gürgeniň öňki hökümdary Kowus ibn Wuşmagire garşy urşa başlamak hakynda karar kabul edilýär. Jürjaniýede şol wagt Abul Kasym Simjury häkimiýetdedi. Kowus samanylaryň kömegi bilen ony Gürgenden çykarmaga çalyşýardy.

Reýde ýagdaý üýtgedi. Uruş hereketlerine başlamak bilen baglylykda, Reýde ýene-de samanylara garşy ýigrenç möwç alyp başlady. Aýratyn-da, reýliler horasanlylary halamaýardylar. Şeýle dartgynlygyň pidasy bolmajak bolup, Biruny örän sowuk günlerem kellesine horezmlidigini tanadýan çüri telpegini geýmän daşary çykmaly bolýardy. Taryhdaky bu öwrüm bir tarapdan Biruny üçin gapylary ýapsa-da, ýene bir tarapdan, ýagtylyk üçin yş açdy.

Reýe zalym horezmşa Mamunyň aradan çykandygy, ýerine ylma howandarlyk edýän ogly Aly ibn Mamunyň geçendigi hakyndaky habar geldi. Biruny indi watanyna dolanyp bilýärdi [11. 107–108 s.].

Biruny 997-nji ýylda dogduk mekany Käte dolanýar. Gadymy paýtagt boşap galan, solan ýalydy. Onda-da Abu Nasryň öýünde ylym durmuşy gaýnap joşýardy. Biruny köşkde ýer almasa-da, alymlaryň arasynda uly abraýdan peýdalanýar. Kätde Reýde başlan ylmy işlerini dowam etdirýär.

Emma syýasy akym bir ýerde duranokdy. Ol täze-täze öwrümleri bilen beýik alymy synaglardan geçirdi.

997-nji ýylda Samany emiri Nuh II aradan çykýar. Buhara tagtyna onuň ogly Mansur ibn Nuh geçýär. Şol ýyl Gaznada-da ýagdaý üýtgeýär, Söbüktegin hem ýogalýar. Ol ölmezinden öň mülküni doganynyň we ogullarynyň arasynda paýlaýar. Iň uly we gowy görýän ogly Mahmyda Horasandaky ähli samany goşunyna serkerdelik etmegi hem tabşyrýar. Güýçli goşuna daýanyp, Mahmyt Gaznaly 998-nji ýylda öz ýakynlary bilen söweşip, Horasanyň häkimiýetini doly diýen ýaly eline geçirýär. Ol wassal hökmünde Samanylaryň häkimiýetini ykrar edip salgyt tölese-de, soňlugy bilen Mansuryň köşk emeldarlarynyň elindäki oýunjaga öwrülendigine düşünýär.

Ýurduň Günbatarynda, ýagny Hazarýaka sebiti bolan Gürgende-de asudalyk ýokdy. Abul Kasym Simjury Samanylara wepalylyk kasamyny içse-de, onuň ýüreginde esasy maksat Horasany eýelemekdi. Horasany doly diýen ýaly sorap oturan Mahmyt Abul Kasymda özüne howply bäsdeşi görýärdi. Şonuň üçinem Gürgeniň öňki asyl hökümdary Ziýaridler nesilşalygyndan bolan Kowus ibn Wuşmagire (981-nji ýylda Buidler tarapyndan kowlan) ýardam bermegi ýüregine düwýär.

Maksatlaryny amal etmek üçin 998-nji ýylda Abul Kasym Nişapura ýöriş edýär. Ýöne ol samany serkerdesi Bektuzunyň goşuny tarapyndan derbi-dagyn edilýär. Mundan Kowus ibn Wuşmagir peýdalanyp, Gürgene goşun çekýär. 998-nji ýylyň awgustynda ol tagty eýeleýär. Kowusyň tagta geçmegi, Mahmydy arkaýynlaşdyrýar. Çünki indi ol Buidleriň arkasyndan urup bilmejigini anyk bilýärdi.

999-njy ýylyň fewralynda küşt tagtasyndaky çöpler ýerinden gozganýar. Samany goşun serkerdeleri Bektuzun we Faik söweş hereketleriniň birinde hilegärlik bilen aldap, Mansur ibn Nuhy öz çadyryna salýarlar. Onuň gözüni oýup, ýerine ýaşajyk ogluny emir diýip yglan edýärler. Mahmyt Gaznaly üçin elden sypdyrylmaýan pursat emele gelýär. Ol wepaly samany wassaly hökmünde dönük emirlere garşy ýöriş edýär we 999-njy ýylyň 16-njy martynda Merwiň töwereginde olaryň goşunyny derbi-dagyn edýär. Netijede, Samanylar nesilşalygy ýykylýar [11. 126–129 s.].

Mahmydyň ýeňşi Kowus ibn Wuşmagir üçin howpsuzlygyň kepili bolup çykyş edýär. Ol indi Buidlerden gorkman, arkaýyn hökümdarlyk edip biljekdigine ynanýardy. Hökümdar Gürgene öňki at-abraýyny

gaýtaryp getirmek ugrunda tagallalara başlaýar. Gürgene alymlary we şahyrlary jemlemäge, medeniýeti ösdürmäge girişýär. Şeýlelikde, Ibn Yraga Gürgeniň hökümdaryndan hat gelip gowuşýar. Onda Kowus öz köşgüne we howandarlygyna beýik alym Muhammet ibn Ahmet Abu Reýhan Birunyny çagyrýardy.

Beýik alym bu çakylygy jüpüne düşen hasap etdi. Çünki onuň ylmy açyşlary we tejribeleri üçin serişde gerekdi. Ol howlukman, ähli zatlaryny jemläp, Gürgene tarap ýola rowana boldy [11. 124–127 s.].

Kowus Birunyny uly hormat bilen garşy alýar hem-de oňa işlemäge we ýaşamaga ähli mümkinçilikleri döredip berýär. Biruny köşk astrology wezipesine bellenýär. Bu ýerde Kowusyň howandarlygynda uly açyşlary eden alyma indi köşkde zerurlyk döräp başlaýar. Sebitde ýagdaý çylşyrymlaşyp, fatymylaryň içalylary ýurda howp salyp başlaýar. Kowus Birunyny ýanyna çagyryp, onuň wezipesini has ulaltmak isleýändigini, ony özüniň iň ýakyn maslahatçysy etjekdigini we oňa köşkde islän hukugyny berjekdigini aýdýar. Biruny onuň teklibini kabul etmeýär. Kowus ibn Wuşmagir Birunyny jezalandyrmaýar, ýöne maddy serişdeden kesýär. Bu bolsa onuň ylmy tejribelerini we açyşlaryny bökdeýär [11. 149 s.].

Şeýle ýagdaýlar Birunyny Gürgenden gitmäge mejbur edýär. Beýik alym indi watanyna däl-de, alymlaryň we ulamalaryň jemlenen, halypasynyň hem göçüp baran Gürgenç şäherine 1003-nji ýylyň ahyrynda, käbir çeşmelerde 1004-nji ýylda barýar. Aly ibn Mamun ylma howandarlyk edýän hökümdardy, ýöne ol iki sany uly döwletiň dawalarynyň arasynda galypdy. Garahanly türkmen döwleti bilen Gaznaly türkmen döwleti öz arasyndaky serhedi kesgitläp bilmän, yzygiderli çaknyşýardylar. Garahanlylar Horezme has ýakyn bolansoň, horezmşa garahanlylary goldamaly bolýardy. Söweşlerde Mahmyt Gaznaly ýeňýär. Horezmşa derrew sowgat-serpaý bilen Mahmydyň ýanyna ugraýar. Mahmyt horezmşany gowy kabul edýär we oňa uýasyny durmuşa çykarýar. Netijede, horezmşa az wagtlyk bolsa-da, döwletinde asudalygyň bolmagyny gazanýar.

Şol döwürde Gürgenç Merkezi Aziýada ylmyň merkezine öwrülýär. 1005-nji ýylda bu ýere beýik alym Ibn Sina-da Buharadan gaçyp gelýär. Sebitiň ylym beýnisi Gürgençde jemlenýär. 1009-njy ýylda horezmşa Aly aradan çykýar. Onuň ýerine dogany Abul Abbas Mamun geçýär. Biruny Mamunlaryň iň soňky hökümdary hakynda gowy ýatlamalar galdyrypdyr. Çünki ol horezmşa gulluk eden 7 ýylynda köşk astrology bolup, horezmşanyň

iň ýakyn maslahatçysy – hadymy, ynamdar ilçisi bolýar. Ýöne Abul Abbas Mamun şady-horramlygy gowy görýän, häsiýeti boýunça gowşak hökümdar bolupdyr. Ol Mahmyt Gaznalydan gaty çekinipdir. Ähli mejlislerde onuň adyny agzap, onuň adyna öwgüli sözler aýdypdyr.

1014-nji ýylda Garahanlylar bilen Gaznalylaryň parahatçylyk şertnamasy baglaşylýar. Mahmyt Gaznaly ýüzüni Horezme tarap öwürýär. Basyş edip, öz adyna hutba okatmagy talap edip başlaýar. Köşk emeldarlary, han-begler bu ýagdaý bilen ylalaşmaýarlar. Horezmşa her bir hereketini diňe Biruny bilen maslahatlaşýardy, ýöne tutanýersiz hökümdar alymyň maslahatlaryny doly ýerine ýetirmeýär. Netijede, Mahmydyň adyna hutba okatmaga garşy çykan hajyplar, horezmşa garşy aýaga galýarlar. 1017-nji ýylyň martynda ony öldürýärler. Bu ýagdaýy Mahmyt Gaznaly öz bähbidine peýdalanyp, horezmşanyň öldürilendigini bahana edip, Horezme ýöriş edýär. Baş galdyranlary jezalandyrýar we Horezmde öz serkerdesi Altyndaşy horezmşa belleýär. 1017-nji ýylyň awgustynda bolan pajygaly ýagdaýdan soň, Mamunlar nesilşalygy ýykylýar.

Gürgençdäki ähli alymlar bilen birlikde Biruny hem Gazna göçürilýär. Ol şol wagt 44 ýaşyndady. Biruny ömrüniň galan bölegini Mahmyt Gaznalynyň «Ylymlar akademiýasynda» işlemäge bagyş edýär. Ol Horezmiň tozandygyna örän gynanýar we özüniň munuň öňüni alyp bilmedigine galan ömrüni ahmyrly geçirýär.

Mahmyt Gaznaly beýik alyma uly hormat goýup, hatda ony Hindistana eden ýörişlerine hem äkidýär. Alym bu ajaýyp ýurdy öwrenip, «Hindistan» atly işini ýazýar [11. 165–178 s.].

Elbetde, Birunynyň döwrüniň taryhy wakalarynyň ählisini jikme-jik seljermek mümkin däl. Ýöne bu taryhy hakykat. Maglumatlardan görnüşi ýaly, Biruny döwründe dört döwletde hökümdaryň ýakyn maslahatçysy, ylym öýleriniň ýolbaşçysy, görnükli alymy bolmagy başarypdyr. Şol birwagtyň özünde nähili beýik derejelere ýetse-de, dünýäniň maddy baýlygyna özüni aldyrmadyk beýik alym hökmünde adamzat taryhyna öz adyny ýazdyrypdyr.

## EDEBIÝAT:

1. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ömrümiň manysynyň dowamaty. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2023.

2. *Baýramsähedow N.* Gündogaryň beýik danalary. – Aşgabat: Magaryf, 1992.

3. *Hydyrow T.* we beýl. Ylmyň taryhy we filosofiýasy. – Aşgabat: Ylym, 2012.
4. *Utby M.* Soltan Mahmyt Gaznalynyň taryhy. – Aşgabat: Miras, 2005.
5. *Ýazberdiýew A.* Türkmenistan dünýä medeniýetiniň gadymy ojagydyr. – Aşgabat: TDNG, 2011.
6. *Ýusupow H.* Gadymy Horezmiň ýüregi. – Aşgabat: «Ýurt», 1995.
7. *Иванов М.С.* История Ирана. – Москва: Изд. МГУ, 1977.
8. *Бируни А.Р.* Избранные произведения. Том III. – Ташкент, 1966.
9. Материалы по истории туркмен и Туркмении. Том I. VII–XV в.в. – Москва: Изд. АН СССР, 1939.
10. *Толстов С.П.* По следам древнехорезмийской цивилизации. – Москва: Изд. АН СССР, 1948.
11. *Тимофеев И.* Бируни. Жизнь замечательных людей. – Москва: «Молодая гвардия», 1986.
12. *Якубовский А.* История Ирана с древнейших времен до конца XVIII века. – https://libcat.ru.

**Welidat Hudaýnazarow,**
*Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň uly mugallymy,*
**Aýna Garaýewa,**
*Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň mugallymy*

## «ÖTEN ASYRLARDAN GALAN BAKY ÝADYGÄRLIKLER»

Türkmen topragy yslam we dünýä medeniýetine saldamly goşant goşan, taryhda öçmejek yz galdyran şahslary peşgeş berdi. Gürgenç, Merw, Sarahs, Dehistan, Abywert we Amul meşhur alymlary dünýä beren ylmy merkezlerdir. Bu ylym ojaklarynda Merwezi, Horezmi, Sarahsy, Amuly we Abywerdi ýaly ýüzlerçe alymlar kemala gelip, yslam ylmyny we medeniýetini nurlandyrdylar. Gürgenjiň ylym ojagynda kemala gelip, dünýä taryhynda, ylmynda öçmejek yz galdyran alymlaryň biri hem, horezmli alym Abu Reýhan Muhammet ibn Ahmet Birunydyr.

Soňky döwürdäki ylmy çaklamalara görä, «Daýymul-ustad» («Baky ussat ýa-da ähli döwürleriň ussady»), «Fahrul-ulama» («hekimleriň – akyldarlaryň buýsanjy») ýaly sarpaly lakamlara eýe bolan Abu Reýhan Biruny 973-nji ýylyň 4-nji sentýabrynda Horezm ülkesiniň ilkinji paýtagty Käs (Kät) şäherinde eneden doglupdyr. Dogrusy, alymyň Horezmde doglandygy